# Size gaty gynanmagam, begenmegem bolanok

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Size gaty gynanmagam, begenmegem bolanok SIZE GATY GYNANMAGAM, BEGENMEGEM BOLANOK

– Size gaty gynanmagam,
begenmegem bolanok…
(Doktor halky zabun halk. Eglişigi
bilenok.)
Ýüregňize dynç beriň, tolgunara haly ýok,
Ýaşamak isleseňiz, şundan başga ýoly ýok!

Begenmän, gynanman, ýatmaly ýyllar…
Ýazlar, gyşlar, güýzler…
Gyzlar, ogullar,
Bilbiller,
Ter güller,
Parlak ýyldyzlar,
Asuda agşamlar,
Gohly gündizler,
Perwana,
Gurbaga,
Hatda garynja –
Hiç bir zat goýmaly däl meni ünjä.
Hiç bir zat göwnümi göge göterip,
Ýüregime ganat baglamaly däl,
Hiç bir zat başymy gussa batyryp,
Hiç bir zat kalbymy daglamaly däl,
Hiç bir zada gülmeli,
aglamaly däl…

– Londonda bir günde togsan üç çaga
Ajyndan ölüpmiş…

– Meniň işim däl!
– Maýadarlar nany derýa döküpmiş…
– Dökse dökübersin, meniň aşym däl!

– Tel-Awiwiň «gyrgylarnyň» astynda
Eneler dat edýär…
– Etse, goýar-da!..
– Ýapon işçileri çykypdyr ýene
«Bahar marşyna»!
– Ne işim bar o ýerde!

– Buşluk! Goňşyň ekiz ogly bolupdyr!
– Çagadyr-da güni gelse, dogar-da!
– Bize gelýän süýtçi daýza ölüpdir…
– Ajaldyr-da, golaý gelse, alar-da!

Şatlykmy,
guwançmy,
gazapmy,
ezýet,
«Soňky habarlarmy»,
žurnalmy gazet, –
Aýyrdym olaryň baryn bir ýana,
Kast edip bolarmy heý, şirin jana!

Ine, doktor, aýdanňyzy bitirdim,
Begenmän, gynanman bir gün oturdym
Asyl hiç dermana bolmadym men zar,
Ýöne indi sizden bir haýyşym bar:
Haýwanat bagyna eltiň-de göni,
Maýmynlaň içinde oturdyň meni!

1973

Annaberdi AGABAÝEW Goşgular